**DEGIŞLI MAGLUMATYŇ BEÝANY**

**Türkmenistan 1992-nji ýyldan bäri Dünýa Banky Toparynyň agzasy bolup durýar, we DBT 1996-nji ýylda Türkmenistanda öz edarasyny açdy.** Şondan bäri DBT Hökümetiň haýyşy boýunça birnäçe taslamalary, meýilnamalary, we ylmy-barlaglary ýerine ýetirdi we Türkmenistana üç sany kredit berdi. Bank Türkmenistana döwlet resurslaryny dolandyrmak boýunça, mali aýdyňlyk boyunça, döwlet satyn almalary boýunça, halkara bugalteriýa hasabaty boýunça, jemgyýetçilik ulag pudagy boyunça, suw we sanitariýa şertlerini gowulandyrmak boýunça reformalary amala aşyrmaga kömek etdi.

Bankyň Türkmenistandaky soňky geçiren çäreleriniň arasynda Statistiki potensiýaly gurnamak boýunça işler, raýat jemgyýetçiligini ösdürmek boýunça fondyň meyilnamasy, guş gribiniň gözegçiligi we adam pandemiýasyna taýýarlyk we çözgüdi boýunça zerur çärelere taýýarlyk, hasabat we audit boýunça kodeksiň we standartlaryny berjaý etmek (ROSC) barasyndaky Hasabat, gidrometerilogiýa komitetiň döwrebaplaşdyrymagy, pullary bikanun ýoldan aklamak, terrorizmi maliýeleşdirmäge garşy göreş boýunça (AML/CFT) Halkara Walýuta Gaznasy (HWG) bilen bilelikde hukuk bazasyny düzmek, ulag we logistika meseleleri, we portlar boyýunça halkara terjibäni ýaýbaňladyrmak bar.

**IŇ SOŇKY ARKALAŞYK**

**14-15 MÝ üçin Wagtlaýyn Strategiýa boýunça Bellik**

**2013-nji ýylda DBT we Türkmenistan bilelikde taýarlanan Wagtlaýyn Strategiýa boýunça Belligi (WSB)** 2014-2015 MÝ boýunça Ýurduň DBT bilen hyzmatdaşlygyna goldanma bolup gulluk etdi. WSB-nyň çäginde Hökümete ýurduň ösüş boýunça umumy öňürtilikleri bilen baglanyşykly meseleleriň çözgüdinde ýardam bermek üçin Türkmenistana degişli halkara maglumatlar we tejribeler getirildi. Bu ýardam iki komponentden ybarat: : (a) kiçi göwrümli Gaýatarylyp bolýan Maslahat beriş Hyzmatlary (GMH) meyilnamasy esasy üç ulgama gönükdirildi- makroekonomiki statistika, maliýe pudagynyň ösüşi, we hususylaşdyrmak boýunça IFC-iň goldawy; we (b) DBT-nyň maliýeleşdirmegindäki, Ýurduň geljekki reformalary amala aşyrmak boýunça öňürtilikleri işläp düzmekde analitiki bazany üpjün etmek üçin, strategiki ylmy-barlag işleri.

**16-17 MÝ üçin Ýurt bilen Arkalaşyk Boýunça Bellik**

**Häzirki wagtda Türkmenistan we DBT, 2016-2017 maliýe ýylyny öz içine aljak Ýurt bilen Arkalaşyk Boýunça täze Belligi taýarlayarlar (ÝAB)**[1]**.** ÝAB öz ünsüni, Türkmenistanyň ösüşine we global ykdysadyýete integrasiýasyna ýardam etjek tejribeleri we iň gowy endikleri, we halkara bilimi Türkmenistan bilen paýlaşmaga gönükdirmegine dowam eder. Şeýle hem, ÝAB özüniň şu wagt dowam edýän Arkalaşygyna girýän pudaklaryna, indiki çäreleri şeýel hem potensiýaly bolan konkurentligi amala aşyryp biljek önümçilikleriň goldawy (şol sanda oba hojalygyny); maliýe

---

[1] 2014-nji ýylad DBT ýurt boýunça Arkalaşyga täze çemeleşigi tanyşdyrdy – Ýurt bilen Hyzmatdaşlyk Çarçuwasy (ÝHÇ). Bu täze çemeleşigiň maksady ýurt üçin ýörüte modeli has ulgamlaşdyrmak, faktlaryň esasynda işlenip düzülen, saýlanan we durgunlyk esasynda umumy rowaçlylygy we aşa garyplygy ýok etmegi üpjün etmäge gönükdirilen çäreler bolmaly. ÝHÇ Ýurda goldaw strategiýasynyň (ÝGS) ýerine geçýär we Bank Toparynyň agza döwletine goldawyna ýaranlyk edýär.

Ýurt bilen Arkalaşyk boýunça Bellik kiçi göwrümli bellik bolmak bilen ol gysga möhletleýin arkalaşygy beýan edýär. DBT bu Belligi orta möhletleýin netijeli çäreleri işläp düzen mahaly ulanýar. Umuman ÝAB 12 bilen 24 aý möhlet üçin taýarlanýar. Ol DBT-y hemmetaraplaýyn maksatlary kesgitläp bilmedik ýagdaýynda, meýilnama işläp düzüp bilmedik ýagdaýynda ýa-da öz işiniň ähmiýetli möçberini orta möhletde amala aşyryp bilmedik ýagdaýynda başga ÝAB bilen çalşyrylyp bilinýär.

pudagynyň döwrebaplaşdyrymagy; innowasiýon işlerinde hünärmenligiň artdyrylmagyna goldawy; klimatyň üýtgemegi we suw resurslaryny dolandyrmak we aragatnaşyk meseleleri ýaly goşmaça pudaklary goşup biler.

**WSB-da bolşy ýaly ÝAB-yň taýarlanyş prosesi gyzyklanýan taraplaryň giň möçberindäki maslahatlary esasyna daýanýar.** Şol sanda döwlet edaralarynyň, donorlaryň bileleşiginiň, raýat jemgyýetçiligiň, hususy pudagyň we we beylekileriň. ÝAB-yň taýarlaýyş prosesi ýurduň içindäki ýüzbe-ýüz duşuşyklary we wirtual maslahatlary öz içine alýar.

**Döwlet edaralary bilen maslahatlar** reformalar prosesindäki Hökümete gerek bolan ösüş zerurlyklaryny ÝAB-yň işinde doly derejede seprikdirilmegini maksat edinýän hyzmatdaşlyk prosesiniň dowamy bolup çykyş edýär. Üstünde ylalaşylan teklip edilen çäreler, DBT-ynyň wekilleriniň we hemme hökümet edaralarynyň gatmaşmagynda Hökümetiň hyzmatdaşlarynyň giň toparyna we hususy pudagyň wekillerine 2015-nji ýylyň Maý aýynyň başyna meyilleşdirilen ýurduň içindäki maslahat duşusyklarynyň wagtynda tanyşdyrlar. Bellikleri, maslahatlary almak we ýüze çykan soraglara jogap bermek maksady bilen ÝAB-yň umumy düzümi şeýle hem pudaklaýyn çäreleri tanyşdyrlar.

**Raýat jemgyýetçiligi we beýleki gyzyklanýan taraplar bilen maslahat geçirmegiň prosesi** ÝAB-y taýaralamak işiniň hemme döwründe dowam eder. Maý aýynyň başyna meýilleşdirilen ýüzbe-ýüz duşuşyklardan başga-da ÝAB prosesiniň gidişi barada raýat jemgyýetçiligini we umumy köpçüligi habardar etmek we ÝAB strategiýasy üçin teklip edilen esasy ugurlaryny maslahatlaşmak we pikir alyş-çalşygyny amala aşyrmak we maglumatlary we täzelikleri paýlaşmak maksady bilen ýörüte web sahypasy taýarlanyldy. Islendik gurama ýa-da şahsy adamlar teklip edilen çäreler ýa-da ÝAB-yň taýarlanyş prosesi bilen bagly hemme pikirlerini we tekliplerini ýörüte açylan email adresine iberip bilerler: tm_isn@worldbank.org.

**Bellikler** maslahatlaryň 2015-nji ýylyň 10-nji iyunyna çenli dowam etjek möhletinde kabul edilýär.